# Psihologiýa we din

Category: Filosofiýa,Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Psihologiýa,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 26 января, 2025
Psihologiýa we din PSIHOLOGIÝA WE DIN



Aşakda aýtjak zatlarym häzirlikçe resmi psihologiýa degişli. Resmi ylymyň çäginden çykamda duýdyraryn:
Her bir adamyň içki dünýäsinde sütünler bolýar, adamyň daýanýan zatlary. Ol zatlar maddy we ruhy gymmatlyklar bolup biler. Mysal üçin kimdir biri puluň güýjine daýanýar, kimdir birine oň maşgalasy (çagalary aýaly) teselle berýär. Mysal üçin meň öňki başlygymy wezipesinden boşatdylar we ol gaýgy hasratdan çykalga tapman arak içip başlady, entegem özüne gelip bilenok, ýurtdan çykyp gitjek diýýär. Kimler üçin il içinde at-abraý wajyp, bu eýýäm maddy däl gymmatlyk. Her bir

adamyň ruhy dünýäsinde öz gymmatlyk sistemasy bolýar. Käbir adamda bir näçe gymmatlyk bolup bilýär. Öz sütünlerini ýitiren adamlar hemişe lapykeç ýagdaýda gezýärler, muňa eýýäm dipresiýa diýýärler, hristýanlarda lapykeçlik iň agyr 7 sany günäň sanawna girýär. Ýene bir tanşymyň tanşy ýurdumyzyň syýasatyny tankytlap, bolýan zatlary ýüregi götermän üç gezek insult geçirdi. Şeýle adamlaryň hem içki dünýäsinde öz sütünleri bolýar we daşky dünýä şol sütünleri ýykýar, hemişe ýykýar. Aýal-gyzlar üçin örän wajyp zatlar, maşgala gurmak, çaga dogurmak, ýa-da baýamak, öz daşky keşbiňi elmydama owadan halda saklamak. Her bir adamyň içki sütünleri dürli dürli bolýar, içinde sütün ýok adam tebigatda ýok. Sütünleriň sany näçe köp bolsa, şonçada gowy, bir sütüniň ýykylsa, ikinji sütüne daýanyp bolýar. Mysal üçin gyzlar özüne erkek saýlanda şol sütünleri duýýarlar diýýär. Eger erkek üçin, onuň aýaly iň wajyp zat bolsa, şeýle erkegi aýal hökman taşlap gidýär diýýär. Dogrymy aýtsam, şeýle samsygy men hem tanaýan. 2008-nji ýylda aýaly ony taşlady we şu wagyda çenli müň gezek äre baryp ýetişdi. Meň tanyş samsygym ol aýala entegem hepdede bir näçe gezek jaň edýär we maşgalany birleşdirmek barada ýalbarýar. Eger 2008-nji ýylda ikilenç oýlenen bolsa, eýýäm başga maşgalany aýaga galdyrardy. Ýöne şeýle samsygyn içki sütünleriniň biri oň aýaly bolup durýar. Aýal hem şol ýagdaýdan peýdalanýar, ony taşlap gitsede, (biwepalyk etsede), oň hiç ýerik gitmejegini bilýär, hemişe daş töwereginden aýlanyp ýorjegini bilýär. Garaz aýallar içinde sütün kän oglanlary gowy görýärler we şeýle adamlary saýgarmagy başarýarlar. Bu eýýäm (aýallar barada) Anýa Teadorowiç atly maşgala psihologyň sözleri. Real dünýäde aýallaryň özünde sorasaň, –biz durmuşda näme (muşakgat) bolsada, ruhdan düşmeýän oglany gowy görýäs diýýärler, hemişe zeýrenip ýören erkegi hiç kim halanok. Bu ýene şol adam kalbyndaky sütünler düşünjesine alyp barýar.

Şu ýerde resmi psihologiýanyň aýdan zatlary gutarýar we başga ylymyň düzgünleri başlaýar, has dogrusy ekstrasensorikanyň.

Meniň soýgüli ekstrasensim, Sergeý Lazerýew bu babatynda näme diýýär? Ol hem şeýle sistemaň bardygyny nygtaýar, emma ol bu

sistema eýýäm Hudaýy goşýar: Her bir adam üçin iň esasy zat, Hudaý bolmaly, has dogrusy Hudaýa bolan söýgi birinji ýerde durmaly (hristianlar Hudaýy söýgün üsti bilen tanaýarlar, musulmanlar bolsa gorkyň üsti bilen). Hudaý biziň kalbymyzy bejerjek bolýar we Hudaýdan gelen ähli betbagytçylyklara sag bolsun aýtmaly we Ondan öýke kine saklanyň üçin ötünç soramaly. Hudaýa bolan berk ynam, her bir adamyň kalbynda birinji ýerde durmaly. Adam bu durmuşda islendik zadyny ýitirip bilýär. Ähli zady biziň elimizden alyp bilýärler. Ýöne Hudaýa bolan ynamy hiç kim bizden alyp bilenok. Şeýle adamlar durmuşyň ähli nogsanlyklarna döz gelip bilýärler, sebäbi olaryň içindäki iň esasy sütün ýykylmady, ol hem Hudaýa bolan ynam, söýgü. Adamyň kalbynda Hudaýdan ýokary dyrmaşan islendik gymmatlygy, hökman bizden alýarlar. Eger çagaň Hudaýdan gymmatmy, ony eliňden alýarlar, (-nädip, diýip soramaň). Eger aýalyň Hudaýdan gymmatmy, ony hökman elinden alýarlar. Eger at-abraý Hudaýdan gymmatmy, ony hem elinden alýarlar. Adamyň kalbynda islendik zat Hudaýdan soň bolmaly, şeýle sistemany öz kalbyňda guryp bilseň, Hudaý saňa islendik zady berýär. Şeýle filosofiýa bilen, resmi psihologiýa gabat gelýär, ýöne psihologiýa Hudaýyň bardygyny boýun alanok. Psihologiýaň gözi bilen seretseň, adamyň kalbynda öldürüp bolmaýan bir ideýa bar we adam üçin iň esasy zat şol ideýa. Adam durmuşynda ähli zady ýitirýär, ýöne esasy ideýany ýitrip bolmaýandygy sebäpli, onuň lapykeç däl, durmuş ýolundan sowulanok, öňkisi ýaly mydama ýylgyrýar. Muşakgatlardan çykmak üçin psihalogiýa içiňdäki sütünleriň sanyny köpeltmegi maslahat berýär, ýöne başgarak sözleri ulanýar, mysal üçin özüňize başga güýmenje tapyň, ünsüňizi sowuň, başga bir zatlar bilen meşgullanyň, özüňize başga aýal tapyň we ş.m. Hakykatda bolsa diňe Sergeý Lazerýewiň aýdan zatlary işleýär. Ýöne bir türk beýik filosowynyň aýdyşy ýaly, islendik ylymlar barybir Hudaý barada öwredýär, özleri islese islemese.

Şu ýerde tema goşmaça hökmünde ýene bir zady aýtmaly. "Smireniýa" diýen bir duýgy bar, ol sözüň manysy türkmen diline name üçindir "pespällik" diýip geçýär. Emma has ýakyn terjimesi "kaýyllyk" sözi. Kaýyllyk duýgusy adamyň durmuşynyň

ikinji ýarymynda hökman döräýmeli, ol duýgy bolmasa ýolyň galan bölegini dowam edip bolmaýar. Daş-töwerekde bolýan zatlaryň ählisine kaýyllyk gerek, sebäbi proseslaryň ählisini Hudaý dolandyrýar, biz ol proseslara täsir edip bilemzok, biz ýönebir gapdaldan seredip duran tomaşaçy.
Entek ýaş wagtyň çagalaryňa sözüň ýöreýär, olara sen gygyryp bilýän käýäp bilýän. Ýöne wagtyň geçmegi bilen seň çagalaryň ulanýar, sende eýýäm agtyklar peýda bolýar. Hudaýyň her bir adama aýratyn öz meýilnamasy bar, onsoň seň kelläňde guran meýilnamaň bilen Hudaýyňky hemişe gabat gelenok. Sen bolsa öz çagalaryňy özüň terbiýelänsiň öýdýäň we näme üçin körpe ogluň humarbaz bolup ýetişenine düşünenok we hemişe alada edýäň, ol bolsa eýýäm ähli ýerde bergä batdy. Elbetde ýaşyň soňunda şeýle durmuş adamy ýadadýar, eýýäm ýüregiň ähli aladalary götermejek bolup dur. Şu ýerde kaýyllyk duýgusy gerek, ony bolsa diňe Hudaýa bolan çuňňur ynam berip bilýär.
Elbetde tutuş durmuş ýoluny Hudaýsyz hem geçseň bolýar. Köpler şeýle hem edýärler, ýöne şeýle ýol hemişe agyr bolýar, durmuşda bolan zatlarda sen hemişe özüňi günäkärleýäň, ýa-da daş-töweregiňi? Hudaý bolsa ähli zat Menden geldi diýýär, sende başga çykalgada ýokdy diýýär. Elbetde kimin nähili ýol bilen ýörejegi onuň şahsy öz işi. Geň-taňsy wakalar